**ABŞ-nyň Dünýade din azatlygy boýunça komissiýasynyň 2009 Ýyllyk Hasabatyna umumy syn**

1998-nji ýyldaky Dünýäde din azatlygy kanuny (DDAK) tarapyndan döredilen ABŞ-nyň Dünýäde din azatlygy boýunça komissiýasy (mundan beýläk DDABK ýa-da Komissiýa) daşary ýurtlarda din we ynanç azatlygy boýunça, Ähliumumy Adam Hukuklary Jarnamasynda we beýleki halkara resminamalarda kesgitlenen, hukuk bozulmalaryna gözegçilik edýän we Prezidente, Döwlet sekretaryna hem-de Kongrese garaşsyz syýasy teklipler berýän ABŞ-nyň garaşsyz, ikipartiýaly hökümet komissiýasydyr.

Komissiýa ABŞ-nyň Döwlet departamentinden aýrydyr we 10 agzadan ybaratdyr. Komissarlaryň üçüsi Prezident tarapyndan, altysy bolsa Kongresiň ýolbaşçylygy tarapyndan bellenýär. DDAK tarapyndan Döwlet departamentinde döredilen Dünýäde din azatlygy boýunça Ilçi hem Komissiýanyň işine ses bermeýän resmi agza hökmünde gatnaşýar.

Komissarlar daşary işler, adam hukuklary, din azatlygy we halkara hukuk boýunça baý bilermenlige we tejribä eýedirler. Komissiýanyň işlän onýyllygynyň içinde komissar bolup katolik ruhanylar, musulman ymam, ýewreý adam hukuklary aktiwisti, bir rabbi, protestant din işgäri we Ortodoks Hristian, Mormon, Indus, Buddist we Bahai ýaly dürli gelip çykyşlardan bolan hukuk, daşary syýasat we beýleki ugurlar boýunça bilermenler işlediler. Şolaryň ýolbaşçylygynda, Komissiýa din azatlygynyň bozulmalary boýunça, ýurtlaryň we ynançlaryň giň gerimine täsir edýän meseleleri gozgady. Mysal üçin, Komissiýa Burmadaky buddistleriň, Bangladeşdäki induslaryň, Saud Arabystanyndaky şaýy musulmanlaryň, Wenesueladaky ýewreýleriň, Päkistandaky ahmedileriň, Hytaýdaky uýgur musulmanlarynyň, Sudandaky hristianlaryň we Eýrandaky bahaileriň hukuklaryny goramak üçin işledi.

Ýyllyk hasabat Komissiýanyň ünsüni çekýän ýurtlarda din we ynanç azatlygy babatda bar bolan ýagdaýy beýan edýär we din we ynanç azatlygynyň ileri tutulmagynyň ABŞ-nyň daşary syýasatynyň aýrylmaz bölegidigini kepillendirmek üçin syýasy teklipler berýär. Ýyllyk hasabatda Komissiýa tarapyndan DDAK laýyklykda din azatlygynyň çynlakaý bozulmalary sebäpli «Aýratyn Aladalandyrýan Ýurtlar» (AAÝ) diýlip bellenmäge Döwlet sekretaryna hödür edilen ýurtlar; din azatlygynyň bozulmalary sebäpli Komissiýa tarapyndan Gözegçilik Sanawyna goýlan, AAÝ derejesine ýetmedik, emma üns berilmeli ýurtlar; hem-de Komissiýanyň ýakyndan gözegçilik edýän beýleki ýurtlary barada baplar bar. Hasabatyň doly görnüşi www.uscirf.gov salgysynda elýeterlidir.

2009 Ýyllyk Hasabaty 2008-nji ýylyň maý aýyndan 2009-njy ýylyň aprel aýyna çenli bolan döwri öz içine alýar.

**Aýratyn Aladalandyrýan Ýurtlar we Gözegçilik Sanawy**

DDAK Prezidentiň ygtyýarlandyrmagynda Döwlet sekretaryna “Aýratyn Aladalandyrýan Ýurtlary”, ýa-da AAÝ-lary, ýagny din azatlygyny bozan ýa-da onuň «aýratyn gödek» bozulmagyna ýol beren hökümetler tarapyndan dolandyrylýan ýurtlary kesgitlemegi buýurýar. DDAK «aýratyn gödek» diýip «yzygiderli, dowam edýän we gözçykgynç» bozulmalara aýdýar, şol sanda gynamak, iş gozgaman uzak wagtlap tussaglykda saklamak,

adamlaryň ýitmegi, ýa-da «ýaşamak, azatlyk ýa-da şahsy howpsuzlyk hukuklarynyň beýleki äsgermezçilik edilýän halatlary» bar. Bir ýurt AAÝ diýlip bellenenden soň, kanun boýunça prezident DDAK-da kesgitlenen çäreleri görmek arkaly bu bozulmalara garşy çykmalydyr.

2009-njy ýylyň ýanwarynda, Döwlet departamenti 2006-njy ýylyň noýabrynda AAÝ diýlip bellenen şol bir sekiz ýurdy gaýtadan AAÝ diýip belledi: Birma, Koreýa Halk Demokratik Respublikasy (Demirgazyk Koreýa), Eritrea, Eýran, Hytaý Halk Respublikasy, Saud Arabystany, Sudan we Özbegistan. Döwlet departamenti Özbegistana garşy hereket üçin 180-günlük, Saud Arabystany üçin bolsa näbelli möhletli ýatyrma kararyny çykardy; iki ýagdaýda hem «[Dünýäde din azatlygy] Kanunyň goýan maksatlaryna ýetmek üçin" şeýle edildi. Şu ýatyrma kararlarynyň netijesinde, Birleşen Ştatlar bu iki ýurtdaky din azatlygynyň gödek bozulmalaryna garşy hiç hili syýasy gaýtargy amala aşyrmaz.

Şu hasabat edilýän döwürde, Komissiýa Döwlet sekretaryna şu aşakdaky 13 ýurdy AAÝ diýip bellemegi teklip edýär: Birma, Koreýa Halk Demokratik Respublikasy (Demirgazyk Koreýa), Eritrea, Eýran, Yrak,[1] Nigeriýa,[2] Päkistan, Hytaý Halk Respublikasy, Saud Arabystany, Sudan, Turkmenistan, Özbegistan we Wýetnam.

Mundan başga-da Komissiýa AAÝ derejesine ýetmedik ýurtlaryň hökümetleriniň din azatlygyny bozmaklaryna ýa-da onuň bozulmagyna ýol bermeklerine gözegçilik etmegiň zerurlygyna esaslanyp, ýurtlary Gözegçilik Sanawyna goýýar. Bu ýurtlar hem aýratyn üns berilmäge we käbir halatlarda Döwlet departamenti we köptaraply guramalar tarapyndan ýörite diplomatik çäre görülmäge laýykdyrlar. Şu hasabat döwründe Komissiýanyň Gözegçilik Sanawynda Owganystan, Belarus, Kuba, Müsür, Indoneziýa, Laos, Russiýa Federasiýasy, Somali, Täjigistan, Türkiýe we Wenesuela bar.

**Komissiýanyň <u>Türkmenistan</u> babatda aladalanmalary**

Komissiýa Döwlet sekretaryna 2000-nji ýyldan bäri her ýyl 1998-nji ýyldaky Dünýäde din azatlygy kanunyna laýyklykda din azatlygynyň yzygiderli, dowam edýän we gözçykgynç bozulmalary üçin Türkmenistany «aýratyn aladalandyrýan ýurt» ýa-da AAÝ diýip bellemegi teklip edip gelýär. Komissiýanyň gaýtalanýan tekliplerine garamazdan ABŞ-nyň hökümeti hiç haçan bu ýurdy AAÝ diýip bellemedi. Komissiýa öňki Prezident Nyýazowyň ýola goýan zorlugynyň belli aýratynlyklaryny azaltmak üçin Prezident Berdimuhamedowyň hökümeti tarapyndan ädilen başlangyç ädimleri nazarda tutmak bilen täze hökümeti Türkmenistanyň kanunlaryny, syýasatlaryny we amallaryny halkara ynsan, şol sanda din we ynanç azatlygy hukuklarynyň talaplaryna laýyk getirmek üçin goşmaça ýörite çäreler görmäge çagyrýar. Ýöne dowam edýän we çynlakaý meseleler sebäpli, ulgamda mese-mälim hem-de düýpli reformalar amala aşyrylýança Komissiýa ABŞ-nyň hökümetine Türkmenistany AAÝ diýip bellemek teklibine dowam edýär.

2006-njy ýylyň dekabrynda aradan çykan merhum Prezident Saparmyrat Nyýazowyň döwründe Türkmenistan dünýäniň iň zorlukly hem-de üzňe döwletleriniň biridi. Garaşsyz jemgyýetiçilik

---

[1] Komissiýanyň Yrak boýunça hasabatyna goşulmak bilen, Komissarlar Kromartie, Eid, Land we Leo AAÝ edip bellemek barada teklibe goşulmadylar we Yrak Gözegçilik Sanawynda galmaly diýen netijä geldiler.
[2] Komissar Kromartie AAÝ teklibine goşulmady we Nigeriýa gözegçilik sanawynda galmaly diýen netijä geldi.

işine düýbünden rugsat berilmeýärdi. Hakykatda, 2003-nji ýyldaky din kanuny dini işleriň köpüsini gadagan etdi. Şeýle-de, Türkmenistanyň jemgyýetçilik durmuşynda Nyýazowyň «ruhy pikirler» eseri bolan Ruhnamada beýan edilen we döwlet tarapyndan ýurduň bilim we dini durmuşyna mejbury ýerleşdirilen ýarym-dini şahsyýet kulty agalyk etdi.

2007-nji ýylyň başynda Gurbanguly Berdimuhamedow Nyýazowdan soňky prezident boldy. Ol bilim ulgamynda reformalary ýola goýdy we ýurduň zorlukly kanunlaryna üýtgeşmeler girizmedik bolsa-da, adam hukuklary we din azatlygyna degişli birnäçe oňyn çäreleri amala aşyrdy. Bu çäreleriň arasynda 2007-nji ýylda 11 syýasy tussagyň, şol sanda öňki baş müftiniň, azatlyga çykarylmagy; Nyýazowyň şahsyýet kultyna käbir çäklendirmeler; iki täze resmi adam hukuklary komissiýalarynyň döredilmegi; ýurduň din kanunyny üýtgedip gurmaga bildirilen aýdyň isleg; hem-de 13 dini azlyk toparlaryň hasaba alynmagy bar. Türkmenistanyň içinde polisiýa we köçe barlaglary ýeňilleşdirildi we ýurt daşarky dünýä has açyk ýagdaýa getirildi. Döwlet departamentiniň 2008-nji ýyldaky din azatlygy hasabatyna görä «Hökümet tarapyndan din azatlygyna goýulýan hormatyň derejesinde kiçi möçberli öňegidişlikler boldy ... ýöne bellige alnan we alynmadyk toparlar bilen işleşmekde ünjä goýýan hadysalar dowam etdi.» «Hýuman Raýts Woç» (Human Rights Watch - Adam Hukuklary Gözegçiligi) guramasyna görä hem 2008-nji ýylda «Prezident Berdimuhamedowyň ýolbaşçylyk edýän Türkmen hökümeti Nyýazowyň häkimiýetini häsiýetlendiren ýykyjy durmuşy syýasatlaryň käbirleriniň we şahsyýet kultynyň öňüni alan-da bolsa, Türkmenistan dünýäniň iň zorlukly we awtoritar döwletleriniň biri bolmagynda galýar.»

Komissiýa täze Türkmen hökümetiniň döwründe din azatlygynyň we munuň bilen baglanşykly adam hukuklarynyň ýagdaýlaryny seljermek üçin 2007-nji ýylyň awgustynda ýurda bardy we degişli meseleleri Prezident Berdimuhamedow we beýleki döwlet işgärleri hem-de dürli dini jemagatlar we raýat jemgyýetçiliginiň agzalary bilen ara alyp maslahatlaşdylar. Şeýle-de Komissiýanyň delegasiýasy, onuň gelmeziniň öň ýanynda azatlyga çykarylan ýurduň öňki baş müftisi Nasrullah ibn Ibadullah bilen geçirilen ilkinji jemgyýetçilik duşuşygyna hem gatnaşdy. Mundan başga-da, delegasiýa Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ÝHHG) wekilleri, Rim Papasynyň wekili we birnäçe Günbatar ýurtlarynyň ilçileri bilen duşuşdy.

Din işlerini resmi taýdan Din işleri baradaky geňeş (DIG) dolandyrýar. Onuň agzalary hökümet tarapyndan bellenýär we prezidente hasabat berýär. DIG agzalarynyň arasynda hökümet işgärleri, Sünni musulmanlar we Rus Prawoslaw Ybadathanasynyň wekilleri bar emma beýleki dini azlyk toparlaryň wekilleri ýok. DIG özüne yzygiderli hasabat berýän Sünni musulman we Rus Prawoslaw din işgärlerini işe almak, wezipelerini ýokarlandyrmak hem-de işden çykarmak meselerini çözýär. Şeýle-hem geňeş ähli dini neşirleri we işleri seljerýär we gözegçilikde saklaýar.

DIG başlygynyň orunbasary Andreý Sapunow, Rus Prawoslaw Ybadathanasynyň (RPY) ruhanysy bolup ol Hristian işlerini dolandyrýar. Şol sanda maglumatlara görä onuň beýleki Hristian toparlaryny resmi weto etmek hukugy hem bar. «Forum 18» guramasynyň aýtmagyna görä Sapunowyň rugsady beýleki Hristian toparlaryň işläp bilmegi üçin deslapky şert bolup durýar. Şeýle-de, «Forum 18»-iň 2008-nji ýyldaky hasabatynda käbir DIG agzalarynyň Sapunowyň gizlin polisiýa ygtybarly maglumat berýändigini aýdandyklary we käbir dini azlyk

agzalarynyň Prezident Berdimuhamedow tarapyndan bellenen DIG işgärleriniň döwlet-gözegçiligindäki Yslamy goldaýandyklaryny hem-de musulmançylyga degişli däl işler üçin Nyýazow tarapyndan bellenenlerden has az rugsat berýändiklerini aýdandyklary ýazylypdyr.

Türkmen hökümeti dürli dini jemagatlaryň içerki ýolbaşçylygyna we guramaçylyk işlerine goşulmagyny dowam etdirýär. Öňki Prezident Nyýazow Türkmenistandaky Rus Prawoslaw Ybadathanasynyň Daşkentdäki Merkezi Aziýa ýeparhiýasyndan aýrylyp Moskwa Patriarhatynyň tabynlygyna geçirilmegini talap etdi. 2007-nji ýylyň oktýabrynda, Moskwadaky RPY Mukaddes Sinody Türkmenistanyň 12 prihodyny we Aşgabat monastyryny Moskwa Patriarhatyna tabyn etdi. Bir ýyl soň, RPY Mukaddes Sinody Ýepiskop Feofilakty (Kurýanow) Patriarhal Dekanlygyň birinji başlygy edip belledi. Şeýle-de Komissiýanyň 2007-nji ýylda edinen maglumatlaryna görä Türkmenistanyň Adalat ministrligi birnäçe bellige alynmadyk kiçeňräk toparlara, olaryň arasyndaky dini taglymata esaslanýan bolmagy mümkin tapawutlary we käbir toparlaryň guramaçalyk taýdan özbaşdaklyga mätäçdiklerini göz öňünde tutmazdan, häzirki wagtda bellige alnan beýleki jemagatlar bilen birleşmeklerini maslahat beripdir.

Döwlet departamentine görä Aşgabadyň daşynda ýagdaýyň has kynlygy aýdylýan-da bolsa, dini azlyk toparlaryň agzalary 2008-nji ýylda öňki ýyllar bilen deňeşdirilende has az ýanamalara we tussaglyklara sezewar edilipdirler. 2004-nji ýyldan bäri birnäçe dini jemagat bellige alyndy. Bellige alynmak jemagatlaryň ýurtda «kanuny» hereket etmekleriniň deslapky şerti bolup durýar. Emma «Forum 18»-iň habar bermegine görä bellige alnan dini jemagatlar hem ýerli häkimiýet we gizlin ýa-da adaty polisiýa birlikleri tarapyndan yzygiderli barlanýarlar.

Halkara jemgyýetçiligiň talaplarynyň täsiri astynda Prezident Nyýazow 2004-nji ýylyň mart aýynda dini jemagatlaryň «bellenen tertipde» bellige alynmaklary barada karara gol çekdi we bellige alynmak üçin gerekli 500 agzalyk sanyny bäşe düşürdi. Permanyň çykmagyndan kän wagt geçmänkä aralarynda Bahai, birnäçe Pentekostal jemagat, Adwentistler, birnäçe Ýewangelik ybadathanalar hem-de Krişna Aňy Jemgyýeti bolan dokuz kiçi dini azlyk topary bellige alyndy. 2004-nji ýylda Prezident Nyýazow bellige alynmadyk dini işleri kanunlaşdyrmak we bellige alynmak üçin gerekli şertleri ýeňilleşdirmek babatynda birnäçe goşmaça kararlar çykardy. Bu üýtgeşmeler döwlet işgärlerine dini toparlaryň ýygnaklary barada maglumat almaga degişli kanuny hukuk berdi. Köplenç tötänleýin bellige alyş talaplaryny ýerine ýetirip bilmedik bellige alynmadyk dini toparlar bolsa dolandyryş jezalaryna, şol sanda azatlykdan mahrum edilmäge we uly möçberli jerimelere, sezewar edildiler. Emma Rus Prawoslaw Ybadathanasynyň Aşgabat prihody 2005-nji ýylda, Türkmenabat RPY prihody bolsa 2006-njy ýylyň başynda täzeden bellige alyndylar. Türkmenabatdaky «Ýaşaýşyň Çeşmesi» Ybadathanasy we Ahalda bir Musulman topar 2007-nji ýylyň ahyrynda bellige alyndylar. Şaýy musulman toparlarynyň köpçülikleýin tertipde bellige alynmagyna rugsat berlendigi aýdylýar, emma munuň haçan bolup geçendigi näbellidir. Azlyk Hristian toparlar agzalan kararlaryň çykmagy bilen din azatlygy babatda ýagdaýyň birneme gowulaşandygyny aýdýarlar.

Resmi taýdan şeýle tertipde bellige alynmagyň näme artykmaçlyk berýändigi doly anyk däldir, sebäbi bellige alnan toparlara hem hususy jaýlarda ybadat üçin ýygnanmak, dini edebiýaty neşir etmek we daşary ýurtlardan getirmek hem-de daşary ýurt raýatlaryny jemagatlaryna baştutan saýlamak gadagan edilýär; şeýle-de olar maliýe çäklendirmelerine hem sezewar edilýärler. Din hakyndaky kanun meselesi ýiti bolmagynda galýar we ondaky käbir düzgünler din we ynanç

azatlygy baradaky halkara ülňülerine laýyk däl. Bu meseleleriň arasynda: mejbury bellige alnyş şertleri; daşary ýurtlardan alnyýan ähli maliýe goldawy barada hökümete maglumat bermek talaby; bellige alynmadyk toparlaryň hususy jaýlarda ybadatyny gadagan etmek; din ýolbaşçylaryndan başga adamlara köpçülik ýerlerinde dini egin-eşik geýmegi gadagan etmek; we din barada döwlet tarapyndan we hususy tertipde bilim berilmegine goýlan ýowuz we diskriminirleýji çäklendirmeler bardyr.

Resmi bellige alnyş prosedurasynda, DIG hökümete bellige almak barada maslahat berýär, bellige almak işini hakykatda Adalat Ministrligi amala aşyrýar we ähli arzalar bir komissiýa tarapyndan gözden geçirilýär. Bu komissiýanyň içinde Adalat ministrliginiň, Içeri işler ministrliginiň we Howpsuzlyk ministrliginiň wekilleri bar. Gözden geçirmek işi bir aýdan üç aýa çenli wagt alýar we bellige alynmak hukugy berilmedik toparlar ýazmaça düşündiriş alyp bilmeli diýlip bilinýär. Emma iş ýüzünde dürli kynçylyklar ýüze çykýar. Mysal üçin, maglumatlara görä DIG arza barada hiç hili mesele tapmasa-da, Adalat ministrligi tötänleýin bahanalar tapyp, garşy çykyp bilýär. Hökümet işgärleri bellige alynmazlygyň ýazmaça düşündirişini bermekden boýun gaçyrýarlar, emma maglumatlara görä Adalat ministrliginiň işgärleri rugsat bermezligi diňe bir galp ýollar bilen döredilen ýazuw ýalňyşlyklaryna esaslandyrmak bilen çäklenmän, eýsem bellige alynmak üçin kä halatlarda dini toparlara ybadathanalaryň binýatlyk namalaryndaky käbir punktlary aýyrmaklaryny maslahat beripdirler. Muňa goşmaça, 2005-nji ýyldaky wagtlaýyn bellige alnyş prosedurasyna garamazdan dini guramalaryň şahamçalarynyň bellige alynma ýagdaýlary heniz näbellidir. 2007-nji ýylda Adalat ministrliginiň bellige alyş bölüminiň başlygy Komissiýa guramalaryň şahamçalarynyň döwlet registrinde hasaba alnanlaryndan soň awtomatiki usulda kanuny derejä eýe bolýandyklaryny habar berdi.

Maglumatlara görä, Ýegowanyň Şaýatlary 2008-nji ýylyň aprelinde bellige alynmak üçin ýüz tutupdyrlar, emma häli-häzire çenli jogap almandyrlar. Rim Katolikleri bellige alynmak islemändirler sebäbi türkmen kanunlary boýunça olaryň baş ruhanylary Türkmenistanyň raýaty bolmaly, ýöne olara Watikanyň Aşgabatdaky diplomatik edarasynda iki polýak ruhanynyň baştutanlygynda ybadat etmäge rugsat berilýär. Milleti Türkmen Protestant ýygnanyşmalary bellige alynmak üçin ýüz tutmakdan çekinýärler, sebäbi olar köp türkmen döwlet işgäriniň milleti türkmen bolan adam musulman bolmalydyr diýen garaýşa eýerip bellige almaga resmi taýdan garşy çykmaklarynyň ahmaldygyny aýdýarlar. Ermeni Apostol Ybadathanasy bellige alynmadyk we ýerli ýaşaýjylaryň «Forum 18»-e aýtmaklaryna görä Türkmenistanda Rus Prawoslaw Ybadathanasyna barýanlaryň 15 göterimi ermenilerden ybaratdyr.

2007-nji ýylyň fewralynda Prezident Berdimuhamedow Ýokary kazyýetiň başlygynyň ýolbaşçylygynda raýatlaryň hukuk goraýjy edaralaryň işleýşi baradaky şikaýatlaryna seredýän döwlet komissiýasyny döretmegi buýursa-da, onuň ne-hä agzalygy ne-de iş tertibi doly kesgitlenildi. Bu komissiýa raýatlaryň prezidente şikaýat etmegi baradaky Nyýazowyň däbini dowam etdirdi, ýöne bu gezek şikaýatlara döwlet edaralary jogap berýär. Maglumatlara görä, bu komissiýa polisiýanyň wezipesinden hyýanatçylykly peýdalanmagy, parahorluk, adalatsyz tussaglyklar we iş gozgalmalar barada müňlerçe arz-şikaýat gelip gowuşdy. Emma, bu şikaýatlara häkimiýetleriň seredip seretmändikleri, olaryň bu şikaýatlaryň her birini ýeke-ýeke ýa-da täze syýasatlary kabul etmek arkaly çözendikleri näbellidir.

2007-nji ýylyň awgustynda bu täze komissiýa ilkinji, ýagny aralarynda 2004-nji ýylda ýapyk kazyýet işinde 22 ýyl azatlykdan mahrum edilen öňki baş müfti Nasrullah ibn Ibadullah hem bolan 11 syýasy tussagyň günäsini geçmek we olary azatlyga çykarmak baradaky kararyny yglan etdi. Ruhnamanyň metjitlerde görkezilmegi baradaky Nyýazowyň kararyna garşy çykan öňki baş müftiniň garşysyna, 2002-nji ýylda Nyýazowa garşy agdarlyşyk synanşygyna gatnaşan hasap edilip, watana dönükligi üçin iş gozgalypdy. Ibadullaha resmi Din işleri geňeşinde işine gaýdyp barmaga rugsat berildi, ýöne ol indi başlygyň orunbasary däl-de baýry geňeşçi wezipesinde işleýär. «Forum 18» başga bir sünni mollanyň Aşgabada ýakyn Kaka etrabyndaky bir obada Türkmen hökümetini tankyt edýän wagyzlar bereninden soň 2006-njy ýyldan bäri Lebap welaýatyndaky ýapyk psihiatrik hassahanada saklanýandygyny aýdýar. Onuň ady we häzirki ýagdaýy näbellidir.

Türkmen kanunlary ähli erkek raýatlardan harby gullugy talap edýär, ondan boýun gaçyrmagy jenaýat hasaplaýar we harby gulluga ynançlary sebäpli garşy çykýanlara raýat gullugy alternatiwasyny hödürlemeýär. 2008-nji ýylyň sentýabrynda BMG-niň din we ynanç azatlygy boýunça Ýörite Raportýory Asma Jahangir bu barada aladalanma bildirip, harby-däl alternatiw gullugy geçmek hukugynyň pikir, ynanç we din azatlygyny kepillendirýän raýat we syýasy hukuklar baradaky Halkara şertnamanyň 18-nji maddasyna degişlidigini nygtady. Alternatiw raýat gullugyny girizmek BMG Adam Hukuklary Geňeşiniň 2008-nji ýyl Halkara Döwürleýin Synynda Türkmenistana eden tekliplerinden biridir. Muňa garamazdan, 2009-njy ýylyň martynda, bir Türkmen döwlet işgäri bu teklibi ret edýär. Prezidentiň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky milli institutynyň müdiri Şirin Ahmedowa bolsa Prezident Berdimuhamedow tarapyndan 2008-nji ýylyň sentýabrynda täzelenen türkmen konstitusiýasyndaky «Türkmenistany goramak her bir raýatyň mukaddes borjudyr» diýen sözleri görkezýär. Komissiýa 2007-nji ýylyň awgustynda Prezident Berdimuhamedow bilen bolan duşuşygynda alternatiw guluk baradaky meseläni hem gozgady.

Türkmen goşunlarynda harby gullugy geçmekden boýun gaçyrýanlar, iň köp iki ýyl azatlykdan mahrum edilýärler. 2007-nji ýylda Ýegowanyň Şaýatlarynyň alty agzasy harby gullukdan boýun gaçyrandyklary üçin azatlykdan mahrum edilseler-de, dördüsiniň günäsi geçilip, beýleki ikisi barada şertli höküm çykarylýar; şertli höküm alanlaryň aýlyklaryndan döwlet peýdasyna kesilýär. 2008 we 2009-njy ýyllarda ýene üç Ýegowa Şaýatlary harby gullukdan boýun gaçyrandyklary sebäpli şertli höküm aldylar. «Forum 18» guramasyna görä şulardan bir Ýegowa Şaýady şertli hökmüniň möhleti gutarandan soň ýerli harby wekilliginiň özüne garşy täzeden jenaýat işini gozgamak isleýändigini aýdypdyr.

Komissiýanyň Türkmenistana sapary mahalynda, Prezident Berdimuhamedow ýurduň kanunçylygynyň halkara adam hukuklarynyň talaplaryna laýyklygyny seljerýän täze komissiýany döredendigini yglan etdi. 2007-nji ýylyň awgustynda Prezident Berdimuhamedow ýurdunda «din we beýleki meseleler babatda käbir kynçylyklaryň bar bolmagynyň mümkindigini» kabul etdi. 2008-nji ýylyň fewralynda «Forum 18» Prezidentiň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky milli institutynyň müdiri Şirin Ahmedowanyň Türkmenistanyň din baradaky kanunynyň üýtgedilmek işiniň «açyk» we «halkara bilermenleriň» gatnaşmagynda boljakdygyny hem-de Türkmenistanyň raýatlarynyň hem üýtgeşmeler teklip edip biljekdiklerini aýdandygyny habar berdi.

2008-nji ýylda Türkmenistanyň hökümeti ABŞ-nyň Halkara Ösüş Agentliginden (USAID) Türkmenistanyň din azatlygyna täsir edýän kanunlary barada tehniki seljeriş bermegini isledi. USAID 2008-nji ýylda ABŞ-da ýerleşýän hökümete degişli däl gurama bolan Girdejisiz Hukugyň Halkara Merkezine (ICPNL) bu kanunlary seljermek üçin grant berdi. Häzirki wagta çenli, ICPNL-iň kanunçylyk seljermesiniň täze kanun namalaryna girizilendigi belli däl.

Gurluşyk üçin resmi rugsat talap etmek arkaly, Türkmenistanyň hökümeti metjitleriň we beýleki ybadat jaýlarynyň sanyny çäklendirýär. Jemagatlaryň köpüsine ybadat ýeri berilmeýär we bellige alynmadyk dini toparlara binalary kireýine almak, satyn almak ýa-da gurmak gadagan edilýär. Hat-da bellige alnan jemagatlar hem köplenç ybadat üçin binalary kireýine alyp bilmeýär we şeýlelik bilen jemagat hökmünde duşuşyp bilmeýär. 2008-nji ýylda «Forum 18»-iň maglumatyna görä käbir bellige alnan jemagatlar ýygnak ýerlerini bir ýylyň dowamynda onlarça gezek üýtgetmeli bolupdyrlar. Hususy jaýlar ýaly tassyklanmadyk mekanlarda ybadat üçin ýygnanyşmak polisiýanyň basgynlaryna ýa-da kazyýetiň çykaran jerimelerine eltip bilýär. Mysal üçin, 2008-nji ýylda birnäçe Ýegowa Şaýatlary polisiýa tarapyndan zorlamak bilen gorkuzylyp ynançlaryndan dänderilipdir diýip, «Forum 18» habar berýär.

2007-nji ýylda Prezident Berdimuhamedow Komissiýa Türkmenistanyň hökümetiniň ýakynda Aşgabatda täze Rus Prawoslaw ybadathanasynyň gurluşygy üçin ýer peşgeş berendigini aýtdy. Maglumatlara görä, Rus Prawoslaw ybadathanasynyň gurluşygy haýal bolsa-da, dowam edýär. Muny binanyň ýertitremelerine garşy durnukly edip gurulmalydygy bilen düşündirýärler.

Bäş dini azlyk jemagatyna ybadat ýerleriniň düýbüni tutmak başardypdyr, olaryň üçüsi kireýine tutulan, ikisi bolsa Bahai we Krişna Aňy jemagatlarynyň agzalarynyň hususy jaýynda ýerleşýär. Dini toparlara ybadat mekanlaryny kireýine tutmak ýa-da satyn almak gadagan edilýär. Hususy jaýlarda ybadat etmek maşgala agzalarynyň gatnaşmagy bilen çäklendirilýän bolsa-da, Türkmenistanyň hökümet işgärleriniň Döwlet departamentine aýdyşlaryna görä goňşylar garşylyk bildirmese hususy jaýlarda ybadata rugsat berilýär. Muňa garamazdan, howpsuzlyk polisiýasynyň hususy jaýlardaky dini ýygnaklara basgyn edendigi we birugsat gözleg geçirendigi barada maglumatlar bar. Bellige alnan bir Hristian jemagatyň baştutanynyň 2007-nji ýylda Komissiýa aýtmagyna görä ol öz jemagaty bellige alnandan soň dostlaryny we maşgalasyny ybadat etmek üçin hat-da öz kwartirasyna hem çagyryp bilmändir. Maglumatlara görä hökümet onuň toparyna hususy ybadatyň är-aýal we çagalar bilen çäklenmelidigini we uly ýaşly ene-atalar we doganlaryň ybadata gatnaşmaly däldigini aýdypdyr.

Maglumatlara görä Türkmenistanyň hökümeti käbir toparlardan resmi taýdan bellige alynýançalar ybadat üçin üýşmejekdikleri barada ýazmaça dilhat alypdyr we 2004-nji ýylda güýje giren bellige alnyş talaplary dindarlardan ybadat ýygnaklaryny geçirmezden öň resmi rugsat almagy talap edýär. 2007-nji ýylda Bellige alnan bir Pentekostal ybadathananyň baştutany Komissiýa öz öýünde tassyklanmadyk ybadat ýygnaklary geçirendigi üçin hökümetiň jaýyny 2003-nji ýylda konfiskasiýa edendigini aýtdy. Birnäçe ýyllyk tagallalaryna garamazdan ol şahsy emläginiň özüne gaýtaryp berilmegini gazanyp bilmändir.

Onlarça ybadat jaýlarynyň ýapylmagy, konfiskasiýasy we ýykylmagy bilen häsiýetlendirilen Nyýazow hökümetinden tapawutlylykda täze hökümetiň döwründe ybadat jaýlarynyň häkimiýetler tarapyndan ýykylan halatlary barada hiç hili maglumat ýok. Käbir ybadat

jaýlarynyň gurluşygyna dowam edilýär, şol bir wagtda Döwlet departamentine görä hökümet üç şaýy mezhebine degişli metjidiň gurluşygyna rugsat bermeýär. 2007-nji ýylyň martynda mejlis Mary şäherindäki metjidiň gurluşygyny tamamlamagy tassyklady, oktýabrda bolsa Daşoguz welaýatynyň häkimi uly täze bir metjidiň gurluşygy üçin bäsleşik yglan etdi. 2008-nji ýylda Türkmenistanyň döwleti demirgazykdaky Daşoguz welaýatynda Köneürgençde we ýurduň gündogaryndaky Maryda metjitleri döwlet serişdeleriniň hasabyna gurýandygyny mälim etdi. Maglumatlara görä 2009-njy ýylda ýene bir metjidiň gurluşygy dowam edýär we prezidentiň ýörite gaznasyndan bir million dollar alnyp gurulýan bu bina Prezident Berdimuhamedowyň ady dakylar. Emma, şu halatlaryň ählisinde hem Türkmenistanyň hökümeti döwlet hasabyna guruljak metjitleriň ýerinde ýykylan hususy jaý eýeleriniň ýitgileriniň öwezini talabalaýyk dolmady.

2006-njy ýylda çykarylan bir kazyýet karary Ýedinji Gün Adwentist jemagatynyň hökümetiň ybadathanasyny ýykandyklary üçin çeken ýitgileriniň öwezini dolmak talabyny ret etdi. Ýurduň tebigy gazyň satuwyndan gazanylýan baý maliýe serişdelerine (maglumatlara görä bu gaznalaryň köpüsi günbatar banklarynda şahsy hasaplarda saklanýar) garamazdan Türkmenistanyň hökümet işgärleri «Forum 18» guramasyna Nyýazow döwründe ýykylan ýa-da konfiskasiýa edilen ybadat jaýlarynyň öwezini dolmak üçin hiç dini jemagata pul tölenmez diýip aýtdylar. Şeýlelikde, Türkmenistanyň dürli ýerlerinde ýykylan we konfiskasiýa edilen metjitler üçin musulmanlaryň ýitgileriniň öwezi dolunmaz; Ermeni Apostol Ybadathanasy Türkmenbaşydaky bir asyr ýaşan ybadathanasyny yzyna alyp bilmez we onuň öwezi dolunmaz; Adwentist we Hare Krişna jemagatlaryna 1999-njy ýylda döwlet tarapyndan ýykylan ybadat jaýlarynyň ýitgileri üçin öwezini dolma puly tölenmez; şeýle hem Aşgabatdaky Baptist we Pentekostal jemagatlaryna olaryň 2001-nji ýylda hökümet tarapyndan konfiskasiýa edilen ybadat mekanlary yzyna berilmez.

Dini edebiýatlaryň Türkmenistanyň çäklerinde neşir edilmegi prezidentiň buýrugy esasynda gadagan edilýär. Ähli dini edebiýat DIG tarapyndan tassyklanmaly, emma geňeşde diňe Yslam we Rus Prawoslaw dinleriniň wekilleri bolandygy zerarly, geňeş bilermenleriniň beýleki dinler baradaky maglumatlary çäklidir. DIG köplenç halatda dini edebiýatlary konfiskasiýa edýär we kserogöçürmesini alýar. Maglumatlara görä dini jemagatlar öz eýeçiliklerindäki dini edebiýaty köpeltmek üçin hökümetden rugsat almaly. Bellige alnan bir Protestant jemagatynyň baştutany dini materiallary birugsat köpeltmäge synanyşmaz ýaly Adalat ministrligi tarapyndan ybadathanasyna duýduryş berlendigini aýtdy.

Kanun boýunça, belli jemagatdaky adam sanyna baglylykda diňe bellige alnan dini jemagatlaryň dini edebiýatlary daşary ýurtdan getirmeklerine rugsat berilýär. Döwlet departamentiniň aýtmagyna görä dini materiallary ýaýratmakda aýyplanýan bellige alynmadyk dini toparlaryň türkmen agzalaryna öňki ýyllar bilen deňeşdirilende aýratyn ýowuz daralmandyr. Dini azlyk jemagatlaryň agzalary özlerine dini edebiýatlary daşary ýurtdan getirmek üçin köplenç resmi rugsat berilmeýändigini we olaryň resmi gözden geçirilişe tabşyrylmazyndan öň konfiskasiýa edilýändigini aýdýarlar. Bir bellige alnan dini azlyk jemagatyň baştutanynyň 2007-nji ýylda Komissiýa aýtmagyna görä dini materialy daşary ýurtdan almak mümkin bolsa-da, ony paýlaşmak gadagan. Bir bellige alnan dini azlyk jemagatyň başlygynyň 2007-nji ýylda Komissiýa aýtmagyna görä onuň ybadathanasy Türkmenistanyň hökümet işgärlerine dini edebiýatlary terjime edip beren-de bolsa, ybadathanasyndaky ruhanylaryň hiçisine-de dini tekstleriň kanunda bellenen möçberini daşary ýurtdan getirmegine resmi rugsat berilmändir.

Başga bir dini azlyk jemagatyň ýolbaşçysy bolsa poçta arkaly Hristian materiallary alandygy üçin tussaglykda saklanandygyny we özüne dini materiallary ibertmezligi tabşyrandyklaryny 2007-nji ýylda Komissiýa aýtdy.

Rus Prawoslaw Ybadathanasy Injilleri aňsatlyk bilen kabul edip we ýaýradyp bilýär, emma maglumatlara görä bäsdeş hökmünde garaýandyklary üçin olary Protestantlar bilen paýlaşmaýarlar. Şeýle hem, Rus Prawoslaw jemagatynyň özi-de geçmişde Türkmenistanyň ýaşaýjylarynyň poçta arkaly rus dilindäki neşirleri, şol sanda Moskwa Patriarhatynyň Žurnalyny, almaklaryny gadagan edýän resmi syýasatlardan ejir çekip geldi. Şu hasabatyň ýazylýan wagty hem şol gadaganlyk öz güýjüni saklaýar.

Türkmenistanyň internet ulanyjylary halkara dini websaýtlaryň aglabasyna, aýratyn-da internet aragatnaşygynyň diňe döwlet prowaýderleri arkaly amala aşyrylýandygyny hasaba almak bilen, girip bilmeýärler. «Forum 18» guramasynyň 2008-nji ýylda beren maglumatyna görä elektronik hatlarda «ynamsyz maglumatlary» ibermek üçin ulanylaýjak belli kod sözleri gözleýän ýörite kompýuter maksatnamasy bar we «şübheli hat» iberilen salga barmaýar. Polisiýanyň hususy dini ýygnanşyklara edýän basgynlarynda tapylan dini edebiýatlar, CD-ler we DVD-ler adatça konfiskasiýa edilýärler we eger eýeleri janlaryny töwekgellige salyp aýratyn tagalla görkezmeseler örän seýrek halatlarda yzyna gaýtarylyp berilýär. 2008-nji ýylyň martynda Aşgabatdaky Ýegowanyň Şaýatlarynyň Injilleri we beýleki edebiýatlary konfiskasiýa edilipdir.

Gümrük gullukçylary dolanyp gelýän ýolagçylara raýatlyklaryna garamazdan şahsy peýdalanyş üçin örän az mukdarda dini edebiýat getirmäge rugsat berýärler. Bir Prawoslaw hristianyň 2008-nji ýylda «Forum 18» guramasyna aýtmagyna görä azyndan bäş halatda Prawoslaw ruhanylaryň dini materiallary Türkmenistanyň serhedinde konfiskasiýa edilipdir. Käbir Rus Prawoslaw ybadathanalarynda kiçeňräk kitap kiosklary bar emma hödür edilýän kitaplaryň, haçlaryň we ikonalaryň sany çäkli bolup ýerli halk üçin elýetersiz bolmagynda galýar. Protestantlar «Forum 18» guramasyna ne-hä Injil Jemgyýetine ne-de Hristian kitap dükanlaryna rugsat berilýändigini gynanç bilen habar berýärler. Komissiýanyň delegasiýasy DIG-de dini edebiýatlar meselesini gozganda, RPY wekili Peder Sapunow öz ybadathanasynyň pikiriçe Türkmenistanda ýeterlik dini edebiýat bardygyny belledi. Geňeşiň başlygynyň orunbasary Nurmuhammet Gurbanow bolsa Türkmenistanyň raýatlarynyň dini edebiýatlary daşary ýurtdan getirmäge hukuklarynyň ýoklugyny görkezýän hiç hili delil ýokdugyny aýtdy.

Türkmenistanyň din baradaky kanuny diniň hususy tertipde öwredilmegini gadagan edýär we şuňa gatnaşanlar kanun boýunça jogapkärçilige çekilýärler. Diňe ýokary dini bilim berýän edaralardan (daşary ýurt ýa-da içeri ýurtlygy kesgitlenmedik) uçurym bolanlar we DIG tarapyndan şol iş üçin tassyklananlar dini öwredip bilýärler. Raýatlaryň bu resmi edaralarda ýekelikde ýa-da köpçülikleýin bilim almak hukuklary bar; garaşsyz dini bilim bermegiň belli bir möçberi bolsa resmi däl ýagdaýda bolup geçýär.

Din baradaky kanuna laýyklykda ene-atalaryň razyçylygyny almak şerti bilen çagalara metjitlerde mekdepden soň hepdede dört sagat dini bilim bermäge rugsat berilýär. Käbir sünni metjitler rejeli tertipde Gurhan öwretmegi ýola goýupdyrlar. 2003-nji ýyldaky din kanuny Rus Prawoslaw ybadathanasyna DIG-niň we prezidentiň tassyklamasy bolmazdan dini bilim berýän

programmalary geçirmegi gadagan edýär. Döwlet departamentine görä şeýle programmalaryň tassyklanandygy barada maglumat ýok.

2005-nji ýylda Nyýazowyň hökümeti tarapyndan  ýapylýança Türkmenistanyň döwlet uniwersitetinde Yslam ylahyýat fakulteti işleýärdi. Döwlet departamenti DIG-niň ylahyýat fakultetini täzeden açjak bolýandygyny habar berse-de, häzirki wagtda bu ugurda edilen iş görnenok. Dindar musulmanlar hem hökümetiň Yslamy ylahyýat bilimli ymamlary şeýle bilim almadyklar bilen çalşandygyna närazyçylyk bildirýärler diýip 2008-nji ýylda «Forum 18» habar berdi. 2008-nji ýylyň awgustynda «Forum 18» guramasyna görä musulmanlar häkimiýetleriň milleti özbek azlyk topardan bolan ymamlary aýryp ýerine milleti türkmen ymamlary bellemeklerini milletparazlyk hasaplaýarlar.

Nyýazow döwründe erkek adamlara din işgäri bolmak üçin bilim almaga daşary ýurda gitmek rugsat berilse-de, ýurtdaky iň uly dini azlyk toparyň, ýagny Rus Prawoslawlaryň, Türkmenistanda dini bilim berýän edarasy ýok. Pars we azerbeýjan etniki azlyklaryň arasynda köp gabat gelýän şaýylaryň hem Türkmenistanda dini okuw edaralary ýok. Dini azlyklar, hat-da bellige alnan hem bolsalar, örän kyn ýagdaýda. Dini azlyk toparlaryň biriniň baştutany köplenç dini okuwyň resmi däl ýagdaýda, hususy jaýlarda amala aşyrylýandygyny aýtdy.

Nyýazow döwründe türkmen dindarlaryň daşary ýurtlara syýahat etmeklerine döwlet göniden-göni goşulyşýardy. Şeýle syýasatlaryň köpüsi täze hökümetde hem saklanyp galýar. Köplenç belli dini jemagatlaryň işläp bilmegi üçin hökmany gerek dini işgärleriň Türkmenistana girip bilmegi üçin wiza berilmeýär we beýleki şahyslara bolsa dini işlere gatnaşandyklary üçin ýurtdan çykyp gitmäge rugsat berilmeýär. 2008-nji ýylda Türkmenistanyň häkimiýetleri bu ýurda bellenen resmi kwotanyň 4600-digine garamazdan haja gitjek musulmanlaryň sanyny 188 adam edip çäklendirmäge dowam etdi. Prezident Berdimuhamedow bir uçara sygjak ýolagçylaryň (188 adam) döwlet serişdeleriniň hasabyna haja gitjekdiklerini emma öz şahsy serişdeleriniň hasabyna gitjeklere hiç hili kanuny çäklendirme ýokdugyny aýtdy. Döwlet departamentine görä öňki ýyllara garanyňda 2008-nji ýylda «has» köp zyýaratça öz hasabyna haja gitmäge rugsat berildi.

Türkmenistanyň hökümeti ýurdy birnäçe halkara guramalarynyň wekillerine açan we daşary ýurda syýahaty birneme ýeňilleşdiren hem bolsa, ol 2009-njy ýylda Russiýanyň iki ýurduň arasynda wizasyz syýahat tertibine geçmek teklibini oňlamady. Mundan başga-da, resmi taýdan beýle zat ýok diýilse-de, alnan maglumatlara görä Türkmenistanyň hökümeti ýurda girmäge we ýurtdan çykmaga rugsat berilmeýän şahslaryň gizlin «gara sanawyny» düzüp saklaýar. 2007-nji ýylda bir Bahai aktiwistiniň Komissiýa aýtmagyna görä  Bahaýä ynanýanlaryň ýurtdan çykmaklaryna rugsat berilýän bolsa-da garyndaşlarynyň Türkmenistana gelmegine gizlin gadaganlyk girizilipdir. 2008-nji ýylyň iýunynda öňki Baptist tussag Şageldi Atakowyň aýaly Artygül Atakowa Türkmenistanyň çäklerinden çykyp gitmäge rugsat berilmändir. Ýurtda köp wagtdan bäri ermeni azlyk toparynyň barlygyna garamazdan Ermeni Apostol ybadathanasynyň din işgäriniň Türkmenistana iň soňky bilinýän sapary 1999-njy ýylda bolupdyr. 2008-nji ýylyň aprelinde Döwlet departamenti bir türkmen ýewangelik ruhanysyna Ukrainadaky bir toýa gitmek üçin Türkmenistandan çykmagyna rugsat berilmändir.

Muňa garamazdan, Türkmenistanyň täze hökümetiniň belli dini jemagatlaryň wekillerine halkara syýahat etmäge rugsat berendigini bellemek gerek. 2007-nji ýylda hökümet Türkmenistandaky

ybadathanada işlemäge çagyrylan Orsýetiň raýaty bolan dört ruhana wiza berdi. RPY Mitropolit Kiriliň 2008-nji ýylyň maýyndaky Türkmenistana sapary, RPY ýolbaşçylarynyň 2003-nji ýyldan bäri ilkinji sapary bolup durýar. Musulmanlaryň dini bilim almak üçin daşary ýurtlara gitmeklerine rugsat berilmese-de, RPY degişli erkek adamlar Türkmenistanyň daşyndaky RPY seminariýalaryna ruhanylyk okuwyna gidip bilýärler. 2008-nji ýylyň başynda birnäçe ýylyň dowamynda ilkinji gezek bir Hare Krişna dindaryna Hindistandaky dini festiwala gatnaşmak üçin ýurtdan çykmaga rugsat berildi. 2008-nji ýylyň martynda sebitiň Katolik liderleri dini ýygnak üçin ýurtda saparda boldular. Ýerli dini jemagatlar tarapyndan çagyrylan birnäçe daşary ýurtly myhmanlar hem Türkmenistana gelip bildiler. Mysal üçin, Ýedinji Gün Adwentistleriň Ýewro-Aziýa Bölüminiň başlygynyň 2008-nji ýylyň sentýabryndaky sapary, sekiz ýylyň dowamynda şol jemagatyň agzasyna resmi iş wizasynyň berlen ilkinji gezegi boldy.

Türkmenistanyň täze hökümetiniň Nyýazowyň şahsyýet kultyndan we merhum prezidentiň «ruhy pikirlerini» jemleýän Ruhnama atly kitaby döwlet tarapyndan mejbury öňe sürmekden daşlaşýandygyny aýtmak üçin deliller bar. Maglumatlara görä, Nyýazow döwründe ymamlara her gündelik ybadatdan soň «ata-watana» we Nyýazowa wepalylyk kasamyny gaýtalamak tabşyrylypdyr. Nyýazowa wepalylyk kasamy gysgaldylyp diňe käbir ýagdaýlara çäklendirilipdir. Öň talyplar we okuwçylar hem döwlet mekdeplerinde we institutlarynda Ruhnama okamaly edilipdiler we şol okuw beýleki bilim sapaklarynyň ýerini alypdy. Nyýazowyň buýrugy esasynda ýapylan Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy täzeden açyldy. Türkmen taryhçylarynyň we dört türkmen nusgawy ýazyjylarynyň eserleri çapdan çykaryldy. 2008-nji ýylyň awgustynda ýurtda Türkmenistanyň arheologiýasy boýunça halkara ylmy maslahat gurnaldy. Şeýlelik bilen Nyýazow döwründäki şeýle mowzuklara çemeleşmegiň Ruhnamadaky ýoýulan usulyndan daşlaşyldy.

Muňa garamazdan Türkmenistanda prezidentiň şahsyýet kultynyň geljegi nämälim bolmagynda galýar. Türkmenistanyň hökümet işgäriniň 2008-nji ýylyň fewralynda Azat Ýewropa Radiosy/Azatlyk Radiosyna aýtmagyna görä Berdimuhamedow Nyýazowyň ähli portretleriniň we Ruhnamadan bölekleriň ýurtdaky binalaryň daşyndan aýrylmagyny buýrupdyr. Nyýazowyň portretleri aýrylsa-da, täze prezidentiň täze portretleri we plakatlary görünmäge başlady, bu bolsa täze prezidentiň şahsyýet kultynyň, ýöne bu gezek dini mazmunsyz, döremek mümkinçiligini ýüze çykarýar. Hakykatdan-da 2009-njy ýylyň martyndaky «Totalitarizmi ýykmak? Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Türkmenistan» atly «Silk Roud» (Silk Road-Ýüpek Ýoly) neşirine görä, täze prezidentiň «Täze galkynyş» konsepsiýasy Nyýazowyň «Türkmeniň altyn asyry» düşünjesiniň ýerini aldy we ol täze prezidentiň ägirt uly ykdysady, durmuşy we ruhy ösüş taslamalary bilen baglanyşdyrylýar; 2008-nji ýylda Ruhnama we Nyýazowa salgylanmakdan doly saplanyldy. Şu babatda, «Silk Roud» neşirine görä, «köne ideologiki konsepsiýalary uly opurlyşyklara ýol bermän ädim ädim sökmek bilen» Prezident Berdimuhamedow «usullylyk we hüşgärlik» görkezýär. Täze prezident «köne režimiň öz ideologiýasyna goldaw berjek käbir elementlerini we düzümlerini» saklasa-da, häzirlikçe Berdimuhamedow «prezidentligiň hudaýtarapyn tebigatyna ýa-da şahsyýet kultynyň beýleki çendenaşa görnüşlerine» esaslanmaga [Nyýazow ýaly] ilgezek däl.

Döwlet departamentiniň habar bermegine görä, Ruhnama metjitleriň köpüsinden, şol sanda Nyýazowyň dogduk obasy Gypjakdaky uly metjitden hem, aýrylsa-da Ruhnamadan setirler şol metjidiň içki we daşky diwarlarynda saklanyp galýar. Komissiýa Gypjakdaky metjide baryp

gördi we onuň içinde Mekgä seredýän kybla diwarynda «Türkmenbaşy» sözi ýazylypdyr. Nyýazowyň özüne-dakan bu adynyň şol ýerde görkezilmegi köp musulman üçin kabul edip bolmajak zatdyr. Türkmenistanyň baş müftüsiniň aýtmagyna görä «Ruhnamadan setirler Yslamy kanuny bozmaýar sebäbi metjidiň içinde ýazgylaryň bolmalydygy barada hiç hili şert ýok.» Içeri işler ministrliginden bir işgär metjit gurulmanka metjitdäki ýazgylaryň arap wekiller bilen ara alyp maslahatlaşylandygyny we hiç kimiň garşy çykmandygyny, sebäbi «metjitde ýazylan Ruhnama setirleriniň ählisi Türkmenistanyň Hudaýa bolan gatnaşygyny görkezýändigini» aýtdy. Şeýle-de bolsa, täze bir metjidiň täze prezidente bagyşlanýandygy we onuň bahasynyň bir million dollarynyň prezidentiň ýörite gaznasyndan alynýandygy barada maglumatlar bar.

Resmi we resmi däl çeşmeleriň habar bermegine görä Türkmenistanyň bilim ulgamynda Ruhnamanyň roly azalypdyr. Ýöne metbugat azatlygy we daşary ýurt raýatlarynyň ýurduň içindäki syýahaty örän çäkli bolany üçin munuň şeýledigine baha bermek kyn. Nyýazow döwründe ýokary okuw jaýlarynda şu kitaby okamaga günde bir sagat sarp edilen bolsa, häzirki wagtda maglumatlara görä Ruhnama okamak hepdede bir sagada çenli azaldylypdyr. Şonda-da talyplaryň kitap boýunça synag tabşyrmaklary gerek bolup görünýär. Döwlet departamenti Prezident Berdimuhamedowyň 2006-njy ýylda orta atylan Ruhnama uniwersitetini 2009-njy ýylda açmak baradaky meýilnamalary dowam etdirýändigini habar berse-de, göz öňünde tutulýan uniwersitetiň has halkara gerime eýe boljakdygy aýdylýar. Adam Hukuklary boýunça Türkmen Inisiatiwasynyň (TIHR) 2009-njy ýylyň martynda habar bermegine görä hakykatda, Nyýazowa degişli tekstler okuw programmasynda saklanýar, ýöne mugallymlara Nyýazow we onuň maşgalasyna degişli bölümleri agzamazlyk maslahat berilýär. Ýurduň dürli welaýatlarynda döwlet edaralaryndaky we guramalardaky Ruhnamanyň nusgalary prezidentiň administrasiýasynyň işgärleri tarapyndan aýrylýar. Maglumatlara görä ähli döwlet edaralarynda Ruhnama burçlary ýapylýar. Geçen ýylyň dowamynda täze we sowet döwrüniň okuw materiallarynyň garyndysyny öz içine alýan Nyýazowyň ýerine täze prezidentiň suraty goýlan täze kitaplar çap edilipdir. Mundan başga-da, prezident administrasiýasynyň wekilleriniň döwlet edaralaryna Prezident Berdimuhamedowyň lukmançylyk, öz maşgalasynyň taryhy we ahal-teke atlary barada ýazan kitaplaryny satýandyklary barada maglumatlar bar.

2008-nji ýylda Türkmenistan BMG we ÝHHG ýaly birnäçe halkara guramalarynyň wekillerini garşy aldy. 2008-nji ýylyň sentýabrynda bäş ýyllap soralanyndan soň BMG-niň Din we ynanç azatlygy baradaky Ýörite Raportýory Asma Jahangir Türkmenistanda saparda boldy. Öz hasabatynda ol 2007-nji ýyldan bäri din azatlygy babatda ýagdaýyň gowulaşandygyny belledi. Şeýle-de bolsa, ol dini dolandyrýan kanunçylygyň düşnüksiz ýa-da artykmaçlygy we onuň bidüzgün durmuşa geçirilmegi; bellige alynmadyk dini jemagatlaryň işlerine gadaganlyk girizilmegi we ybadat ýerleriniň çäklendirilmegi, dini materiallaryň daşary ýurtdan getirilmeginiň çäklendirilmegi baradaky meseleleri gozgady. Ýörite Raportýoryň öz metbugat beýannamasynda aýdyşy ýaly Türkmenistanyň resmi metbugaty onuň bu aladalaryna üns bermän, diňe Türkmenistanyň täze prezidentiniň başlan reformalaryny öwýän sözlerini halka ýetiripdir. 2008-nji ýylyň maýynda ÝHHG-nyň Aşgabatdaky merkezi türkmen kanun çykaryjylaryna kanun reformasynda gerekli hünärleri bermek üçin okuw gurnady. 2008-nji ýylyň dekabrynda Türkmenistanyň başlangyç Uniwersal Döwürleýin Syny edilýärkä bu ýurt BMG-niň Adam Hukuklary Geňeşiniň syýasy tussaglary boşatmak ýaly adam hukuklary reformalaryny geçirmek üçin eden çagyryşlaryndan ýüz dönderdi. Emma 2007-nji ýylyň awgustynda Türkmenistanyň hökümetiniň wekili pudagara komissiýanyň parlamente din baradaky kanuny

üýtgetmegiň we bellige alnyş meselelerini çözmegiň taslamasyny iberendigini aýdyp USAID tarapyndan maliýeleşdirilen analizi şol taslamanyň esasy edip görkezdi. Häzirki güne çenli, parlamente taslama iberilendigi barada maglumat ýok.

**ABŞ-nyň syýasaty boýunça teklipler**

**I. ABŞ-Türkmenistan ikitaraplaýyn gatnaşyklary giňeltmek**

Komissiýa ABŞ-nyň hökümetine şu teklipleri berýär:

- tizden-tiz Türkmenistana ilçi bellemek, sebäbi üç ýyldan bäri ABŞ-na doly akreditirlenen ilçi wekillik etmeýär; ABŞ-nyň öňki ilçileri Türkmenistanda adam hukuklaryna goýulýan hormatyň ähmiýetine üns çekmekde wajyp rol oýnadylar; we
- Türkmenistanyň halkara adam hukuklarynyň ülňülerini berjaý etmek üçin nähili kanunlar we çäreleri durmuşa geçirmelidigini ara alyp maslahatlaşmak hem-de şu meseleler boýunça yzygiderli hasabat mehanizmini ýola goýmak maksady bilen Türkmenistanyň hökümeti bilen adam hukuklary we din we ynanç azatlygy barada ikitaraplaýyn gepleşikleriň maksatnamasyny düzmek.

**II. Din we ynanç azatlygyny hem-de beýleki adam hukuklarynyň ileri tutulmagy**

Komissiýa ABŞ-nyň hökümetine Türkmenistanyň hökümetiniň şu aşakdakylary amala aşyrmagyny höweslendirmegi teklip edýär:

- din we ynanç azatlygy baradaky halkara talaplara laýyk gelmeýän ähli kanunlary, kararlary we düzgünleri, şol sanda din baradaky kanunyň belli maddalaryny, aradan aýyrmak; mysal üçin ýakynda USAID-iň maliýeleşdiren kanun seljermesinden gelip çykýan teklipleri durmuşa geçirmek arkaly;

- mejbury we kyn bellige alyş düzgünlerini aradan aýyrmak we dini ýa-da beýleki parahatçylykly işleriň diňe döwlet tarapyndan tassyklanmandygy sebäpli şoňa gatnaşýanlar hakynda jenaýat işiniň gozgalmagyny ýa-da beýleki jeza çärelerini ýatyrmak;

- dini jemagatlaryň agzalaryny, olaryň öz dini we beýleki ynançlaryny parahatçylykly amal edýändikleri sebäpli, iş we ýaşaýyş ýerlerinde gorkuzmagy, bikanun tussag etmegi, kazyýetden öň tussag etmegi, deportasiýa etmegi, jerimelere duçar etmegi bes etmek;

- hereketleri resmi taýdan «bikanun» hasap edilýän bellige alynmadyk dini jemagatlaryň agzalaryna jerime salmagyň we dini öňbaşçylara azar bermegiň hem-de olaryň bikanun deportasiýasynyň doly soňuna çykmak;

- döwlet edaralarynda we dini guramalarda Ruhnama we beýleki döwlet tarapyndan goldanýan tekstleriň we ideologiýanyň mejbury öňe sürülmegini bes etmek;

- dini we beýleki materiallaryň daşary ýurtdan getirilmegini ýeňilleşdirmek üçin täze syýasatlary kabul etmek we düzgünleşdirmeleri güýje girizmek hem-de ýurtda şeýle materiallaryň halkara ülňülere laýyklykda çap edilmegine we ýaýradylmagyna rugsat bermek;

- Türkmen döwlet uniwersitetinde Yslam ylahyýat fakultetini täzeden açmak;

- harby gulluga dini ýa-da beýleki ynançlar sebäpli garşy çykylýan ýagdaýlarda hakyky kanuny alternatiwalary halkara, şol sanda ÝHHG-niň, tejribesiniň esasynda dikeltmek we ynançlary sebäpli goşunda harby gullukdan boýun gaçyrýan Ýegowa Şaýatlarynyň raýatlyk we syýasy hukuklaryny dikeltmek hem-de olaryň jenaýat jogapkärçiligine çekilmeklerini togtatmak;

- 2007-nji ýylyň awgustynda döredilen Türkmenistanyň Adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça komissiýanyň işini, ÝHHG-niň Din we ynanç boýunça toparynyň, ÝHHG-niň Ýygnanyşmak azatlygy boýunça toparynyň bilermenlerini hem-de BMG-niň bilermenlerini yzygiderli we netijeli gatnaşdyrmak arkaly, giňeltmek we düzgünleşdirmek;

- hökümetiň dini amallara gönükdirilen syýasatlaryny, şol sanda dini jemagatlaryň dolandyryş we Sünni, Şaýy, Rus Prawoslaw, Protestant we beýleki azlyk jemagatlaryny hem hasaba almak bilen, olaryň ýolbaşçylaryny saýlamak we okatmak işlerine döwletiň goşulyşmagy syýasatyny üýtgetmek; we

- Komissiýanyň delegasiýasyna din we ynanç azatlygy boýunça durmuşa geçirilýän çärelere, şol sanda konstitusion üýtgeşmelere we kanunçylyk reformalaryna, baha bermek üçin Türkmenistana dolanyp gelmäge, häzirki we öňki syýasy tussaglar bilen olaryň tussaglyk ýerlerinde gepleşmäge, dini we beýleki guramalar hem-de olaryň agzalary bilen hiç hili päsgelçiliksiz gepleşmäge şert döretmek.

## III. ABŞ-nyň Maksatnamalaryny we reformalary goldaýan beýleki işleri ýaýbaňlandyrmak

Şeýle hem Komissiýa ABŞ-nyň hökümetine adam hukuklarynyň goragy we ileri tutulmagy üçin Türkmenistandaky çärelerini ýaýbaňlandyrmak üçin uzak möhletde aşakdaky tagallalary görkezmegi teklip edýär:

- radio, internet we obýektiw habar-maglumat, şol sanda din-ynanç azatlygy, adam hukuklary we din çydamlylygy barada maglumat, berýän ýaýlymlary aşakdakylar arkaly köpeltmek we ösdürmek:

  --Azat Ýewropa Radiosy/Azatlyk Radiosynyň (RFE/RL) türkmen gullugynyň Türkmenistandaky ýaýlymlaryny, din-ynanç azatlygy baradaky gepleşiklerini köpeltmek, rusça gepleşiklerini, aýratynda Eýran, Yrak we Owganystanda ýaşaýan 12 milliona

barabar türkmen diasporasy üçin gepleşikler goşmak bilen, ýaýbaňlandyrmak we gowulandyrmak arkaly; we

--«Amerikanyň Sesi»-niň Merkezi Aziýa rus dilindäki tele-radio, hususan-da adam hukuklaryna, din-ynanç azatlygyna degişli, ýaýlymlaryny dikeltmek arkaly.

- Türkmenistanyň bilim ulgamyny, aýratyn-da okuw programmasynda din azatlygy we adam hukuklaryna degişli meselelerde, ösdürmäge aşakdakylar arkaly ýardam bermek:

  --dürli welaýatlardaky «Amerikan burçy» okalgalaryny we internet nokatlaryny giňeltmek arkaly;

  --Rus we türkmen dillerindäki adam hukuklary materiallaryny, aýratyn-da ilkinji gezek ÝHHG-niň Aşgabatdaky merkezi tarapyndan neşir edilip ýaýradylan «Bizi Birleşdirýan Kanun» ýaly din-ynanç azatlygy boýunça halkara normalaryna degişli raýatlyk okuw materiallaryny, täzeden çap etmek arkaly; we

  --Aşgabatdaky we beýleki şäherlerdäki kitaphanalara serişde, şol sanda adam hukuklaryna, din-ynanç azatlygyna, çydamlylyga, raýatlyk okuwyna, halkara kanun ülňülerine degişli materiallar bermek arkaly;

- adam hukuklaryny goraýan we din-ynanç azatlygyny öňe sürýän raýat jemgyýetçilik toparlaryny goldamak üçin ýardam maksatnamalaryny, şol sanda dini jemagatlaryň wekillerine edilýän kanuny goldaw maksatnamalaryny, ABŞ-nyň ilçihanasy tarapyndan dolandyrylýan USAID Demokratiýa we konfliktleri azaltmak ýa-da Demokratiýa komissiýasynyň kiçi grantlar maksatnamasynyň din-ynanç azatlygyna gönükdirilen grantlary bilen goldamak;

- halkara aragatnaşygy giňeltmek we ABŞ-nyň Türkmenistanyň jemgyýetçiligi bilen gatnaşygyny Parahatçylyk Korpusy we USAID maksatnamalarynyň býujetlerini artdyrmak arkaly ösdürmek, durmuşy meseleleriň çözülmegine we dini-etniki çydamlylygy artdyrmaga gönükdirlen jemgyýetçilik taslamalaryna dini jemagatlaryň ýolbaşçylaryny goşmak we alyş-çalyş, şol sanda raýat jemgyýetçiliginiň ýolbaşçylaryny, talyplary we adam hukuklary boýunça işleýän beýleki adamlary öz içine alýan, maksatnamalaryny ýaýbaňlandyrmak; we

- ÝHHG-niň Aşgabatdaky merkezi bilen hyzmatdaşlyk etmek, şol sanda raýatlyk okuwy, din-ynanç azatlygynyň halkara düzgünleri barada okuwlar boýunça türkmenistanly adam hukuklary aktiwistleri bilen bilelikdäki çäreleri dowam etdirmek we Türkmenistanyň hökümetiniň ÝHHG-niň bilermenler derejesindäki ýygnagyny geçirmek baradaky 2007-nji ýylyň maýyndaky teklibine ÝHHG-niň resmi taýdan jogap bermegini goldamak.

**III. Halkara arenada tagallalary güýçlendirmek**

Halkara arena bilen baglylykda, Komissiýa ABŞ-nyň hökümetine Türkmenistanyň hökümetini aşakdakylary amala aşyrmaga çagyrmagyny teklip edýär:

- BMG-niň Baş Sekretarynyň Türkmenistanda adam hukuklary boýunça ýagdaý baradaky 2006-njy ýyldaky hasabatyndaky tekliplerini we BMG-niň Adam Hukuklary Geňeşiniň Türkmenistanyň Uniwersal Döwürleýin Syny mahalynda eden tekliplerini durmuşa geçirmek;

- BMG-niň Ýörite Raportýorlarynyň, ÝHHG-niň wekilleriniň, şol sanda din we ynanç azatlygy boýunça bilermenler toparynyň, Türkmenistana gelip görmek baradaky isleglerini kanagatlandyrmak we olaryň şeýle saparlary üçin gerekli şertleri doly üpjün etmek; we

- ÝHHG-nyň işine, şol sanda Warşawadaky ýyllyk Adam ölçegi duşuşygyna, doly gatnaşmak we ÝHHG-nyň Aşgabatdaky Merkeziniň işlerini, aýratyn-da ýerli mekdepler, ýokary okuw jaýlary we institutlar bilen geçirilýän adam hukuklarynyň ülňülerine, din-ynanç azatlygyna degişli maksatnamalaryny giňeltmek.